*4-nji tema*: **Türkmen Türkçesinde fiilin gramer kategorileri** (Türkmen dilinde işlikleriň grammatik kategoriýalary)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri:**

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi:**

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri:**

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary**:

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary**:

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

Konu başlığındaki "fiilin gramer kategorileri" kelimelerin hiç biri öz Türkçe değildir. Öncelikle Gramer Kategori nedir? sorusuna cevap arayalım.

- ✓ **"Grammatik kategoriýa" näme diýmek?**

- ❖ Bu ýerde ilki bilen "*kategoriýa*" sözüniň doly we dogry manysy bilinmelidir.

- ❖ Şonuň üçin mugallym talyplara turuwbaşdan şol sözüň (kategoriýa) türkmen dilindäki manysyny dogry düşündirmelidir

- ❖ Bu düşündirişden soňra dürli nusgalar esasynda ele alnan manynyň türkmen dilinde "grammatik kategoriýa" bilen baglanyşygy anyklaşdyrylmaldyr.

- ❖ Türkmen dilinden alnan ýörite mysallar bilen "garammatik kategoriýa" bilen baglanyşykly iki sany adalga hakynda gysgaça maglumat berilmelidir.

- ❖ "**Atlaryň grammatik kategoriýalary**" we "**işliklerin grammatik kategoriýalary**" adalgalary delillendirilip düşündirilmelidir.

- ✓ Burada Türkmence gramerlerde yer alan GRAMMATIK KATEGORIÝA denilen bölümü beraber inceleyelim.

- ✓ Grammatik kategoriýa umuman dil birlikleriniň ýa-da olardan biriniň dilde grammatik aňladylmasy bolan has umumy özboluşlyklarynyň biridir. Başgaça, grammatik kategoriýa grammatik ýol bilen aňladylýan birmeňzeş grammatik hadysalaryň, şekilleriň jemidir.

- ✓ **Grammatik many añladýan dil elementleriniñ jemine grammatik kategoriýa diýilýär.**

Meselem: söz toparlary, atlar, işlikler, sanlar ýa-da aýry-aýry söz toparlaryna degişli kategoriýalar: düşüm, degişlilik, köplük, zaman, şekil, şahs kategoriýalary…

- ✓ Grammatik kategoriýa diýen zat anyklykdan (konkretlikden) mahrumdyr. Ol grammatik umumylaşdyrma /abstraksiýa/ bolup, morfologiýada birinji orun alýar.

- ✓ Grammatik kategoriýalar ähli dillerde birmeñzeş däldir. Meselem; **türkmen dilinde jyns kategoriýasy ýok.** Emma rus, arap dillerinde bu kategoriýa bar. Bizde jyns kategoriýasy leksik ýol bilen añladylýar. Söz toparlary, atlar, işlikler, düşüm, desişlilik, köplük zaman, şahs, şekil kategoriýalary dilleriñ köpüsine häsiýetli grammatik kategoriýalardyr.

- ✓ At kategoriýasyna degişli sözler kim? näme? nire? diýen soraglara jogap bolup, zatlaryñ (predmetiñ) we düşüñjeleriñ (predmetleşen düşünjeleriñ) atlaryny añladýandygy üçin bir umumylyga eýedirler.

- ✓ Işlik kategoriýasyna degişli sözleriñ umumylygy olaryñ ählisiniñ gymyldy-hereketi añladyp, gymyldynyñ bolup geçen wagtyny, zamanyny añladyp bilmeginden ybaratdyr. Her bir söz topary has umumy häsiýete eýe bolan uly grammatik kategoriýa bolup, olaryñ hem özlerine degişli grammatik kategoriýalary bolup biler. Işliklere zaman, dereje, şekil, barlyk we ýokluk aňlatmak, şahs, ýöňkeme ýaly grammatik kategoriýalary aňlatmak häsiýetlidir.

- ✓ Atlara degişlilik, köplük, düşüm kategoriýalary, sypatlara barlyk we ýokluk, dereje kategoriýalary mahsusdyr. Bir diliň grammatik kategoriýalarynyň jemine grammatika diýilýär.

- ✓ Grammatik kategoriýa ilkinji nobatda, grammatik many bilen baglanyşyklydyr. Morfologiýada „grammatik‖ diýen anyklaýjy ulanylýar. „Grammatik‖- diýmek bu söz bilen aýyklanan sözüň gatnaşyk düşünjesi bilen baglydygyny; ulgamlaýyn, durnukly,

yzygiderli ulanylýandygyny we gaýtalanýandygyny; kömekçi, goşmaça, umumy manylydygyny aňladýar.

- ✓ Grammatik kategoriýalar predmetleriň arasyndaky gatnaşyklary aňlatmak bilen baglydygy; dowamly, yzygiderli ulanylýan durnukly serişdeler bilen aňladylýandygy, sözüň „material‖, „zat‖ bölegine gatnaşygynda goşmaça, umumy, kömekçi manydadygy bilen tapawutlanýarlar.

Sonuç olarak, aşağıdaki hususların bilinmesi şarttır.

❖ Özbaşdak manyly sözleriň bu topary many taýdan beýleki söz toparlarynyň hemmesinden gymyldy-hereket aňladýandygy bilen tapawutlanýar. Gymyldy-hereket aňlatmak hut işlikleriň özüniň asyl manysyndan gelip çykýar. Işliklere dereje, şekil, zaman, şahs-san (ýöňkeme) ýaly grammatik düşünjeler( kategoriýalar) mahsusdyr.

❖ Işlikleriň sözlemde habaryň hyzmatynda gelmegini hasyl edýän hem onuň şu grammatik alamatlarydyr. Galyberse-de, işlikler düşüm şekillerini hem dolandyrýarlar. Işliklere ýerine ýetirilýän gymyldy-hereket bilen işi ýerine ýetirijiniň arasyndaky grammatik, many gatnaşygyny görkezip bilýän işlik derejeleri, işlik şekilleri; sypatlaryň we işlikleriň häsiýetini özünde jemleýän aýratyn işlik şekili-ortak işlik şekili; üýtgemeýän işlik şekilleri-ortak, hal işlik şekilleri, iş atlary; atlar bilen ysnyşmaýan, şol durşuna zaman ýöňkeme görkezmeýän hal işlik şekilleri mahsusdyr.

❖Işlikleriň ähli şekilleri durnukly söz düzümlerini emele getirmäge işeňňir gatnaşýar we çylşyrymly hem ýönekeý pikir aňlatmagyň çeşmesi bolup hyzmat edýär.Işlikler beýleki söz toparlary bilen berk baglanyşyklykda sözlemiň dürli agzalary bolup bilýän söz toparydyr.